Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň
2022-nji ýylyň 26-njy aprelinde çykaran 171 belgili

**B U Ý R U G Y**

**«Şypahana kömeginiň berilmeginiň tertibini we şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeleriniň sanawyny tassyklamak hakynda»**

2015-nji ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen “Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 39-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Şypahana kömeginiň berilmeginiň tertibini;

2) Şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeleriniň sanawyny.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary Ç.Agamyradow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N.Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministrliginiň
2022-nji ýylyň 26-njy aprelinde
çykaran 171 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

# Şypahana kömeginiň berilmeginiň tertibi

1. Şu Şypahana kömeginiň berilmeginiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) 2015-nji ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen “Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 39-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy hem-de şypahana kömeginiň berilmeginiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Şypahana - sagaldyş-öňüni alyş maksatlarynda özleşdirilen we peýdalanylýan, tebigy bejeriş serişdeleri we infrastruktura obýektlerini hem goşmak bilen, olaryň ulanylmagy üçin zerur bolan jaýlary we desgalary bolan aýratyn goralýan tebigy ýer bolup durýar.

Şypahana işi tebigy bejeriş serişdeleriniň peýdalanylmagy esasynda kesselleriň bejerilmegini we öňüniň alynmagyny guramak hem-de amala aşyrmak boýunça ylmy-amaly işiň ähli görnüşleriniň jemini öz içine alýar.

3. Şypahana kömegi şu aşakdakylara gönükdirilýär:

1) adamyň zeper ýeten beden agzasynyň ýa-da beden ulgamynyň bozulan ýa-da ýitirilen işiniň doly ýa-da bölekleýin dikeldilmegine;

2) adamyň zeper ýeten beden agzalarynyň ýa-da beden ulgamynyň işiniň bolup biljek bozulmalarynyň öňüniň alynmagynyň irki anyklanylmagyna we düzedilmegine;

3) bolup biljek maýyplygyň öňüniň alynmagyna we derejesiniň peseldilmegine;

4) adamyň bedeniniň bozulan işiniň dikeldilmegine ýa-da öweziniň dolunmagyna.

4. Şypahana kömegi tebigy bejeriş we derman serişdeleriniň, şeýle hem öňüni alyş çäreleriniň we bejermegiň beýleki usullarynyň ulanylmagy bilen berilýär.

Tebigy bejeriş serişdeleri – mineral suwlary, bejergi palçyklary, şor kölleriň we kölleriň duzly suwyny, bejeriji klimaty, keselleri bejermek we olaryň öňüni almak we dynç alşy guramak üçin ulanylýan beýleki tebigy obýektleri we şertleri öz içine alýar.

Näsaglara şypahana kömegi hem-de şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeler şu Tertibe we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministri tarapyndan tassyklanylýan, şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeleriniň sanawyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Näsaglara şypahana kömegi berlende şypahana edaralarynyň esasy wezipeleri şular bolup durýar:

1) bejeriş, bejeriş-öňüni alyş, saglygy dikeldiş çärelerini we ilatyň dynç alşyny häzirki zaman derejesinde guramak we geçirmek;

2) häzirki zaman lukmançylyk enjamlarynyň we innowasion tehnologiýalaryň esasynda ilatyň saglygyny bejermegiň we berkitmegiň dünýä ülňülerine laýyk gelýän sagaldyş-dikeldiş usullaryny ornaşdyrmak;

3) Türkmenistanyň tebigy bejeriş serişdelerini we bejeriş-dikeldiş serişdelerini toplumlaýyn ulanmak;

4) şypahana bejerişi şertlerinde amala aşyrylýan bejeriş-öňüni alyş çäreleriniň aýratynlyklarynyň ilatyň saglygynyň berkemegine edýän täsirini öwrenmek;

5) şypahana-bejeriş çygrynda ilatyň dynç alşynda halkara hyzmatdaşlygy.

5. Näsaglara şypahana edaralary şypahana hyzmatlarynyň şu aşakdaky görnüşlerini edýär:

1) lukmançylyk we keseli anyklaýyş hyzmatlary;

2) balneoterapiýa;

3) klimatoterapiýa;

4) palçyk bilen bejeriş terapiýasy;

5) fizioterapiýa;

6) diýetoterapiýa;

7) fitoterapiýa;

8) dynç alşy guramak;

9) bejerişiň Türkmenistanyň bejeriş tebigy serişdeleriniň ulanylmagy esasyndaky başga görnüşleri.

6. Şypahana kömegi meýilnamalaýyn görnüşde berilýän saglygy goraýyş kömegini öz içine alýar.

7. Şypahana kömegi ilkinji saglygy goraýyş–sanitariýa kömegini, ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini berýän saglygy goraýyş edaralarynyň arasynda tapgyrlaýyn dowamlylyk we üznüksizlik ýörelgelerine esaslanýar.

8. Şypahana kömegi şu aşakdaky hünärmenleriň bilelikde işlemeginde amala aşyrylýar:

1) hünärmen lukmanlaryň, berhiz lukmanyň, reabilitolog lukmanyň, fizioterapewt lukmanyň, bejeriş-bedenterbiýe lukmanyň we beýleki lukmanlaryň;

2) orta saglygy goraýyş işgärleriň;

3) ýokary we orta lukmançylyk bilimi bolmadyk hünärmenleriň (bejeriş bedenterbiýe boýunça instruktorlar we beýleki hünärmenler).

9. Şypahana kömegi Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan, Şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeleriniň sanawyna laýyklykda hem-de bejeriji lukmanyň ýa-da maşgala lukmanyň bellän lukmançylyk garşy görkezmeleriň ýoklugynda amala aşyrylýar. Bu lukmançylyk garşy görkezmeler adamyň geçen degişli lukmançylyk barlaglarynyň netijeleri boýunça bejeriji ýa-da maşgala lukmanlary tarapyndan kesgitlenilýär (adamyň lukmana ýüz tutan senesinden 14 senenama gün möhlet bilen).

10. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan, Şypahana kömeginiň berilmegi üçin, lukmançylyk görkezmeleriniň sanawynda görkezilen lukmançylyk görkezmeleriniň bardygyny we lukmançylyk garşy görkezmeleriň ýokdugyny tassyklaýan, saglyk öýleri tarapyndan şypahana bejergisi üçin berilýän şypahana kartasy esasynda şypahanalarda berilýän ýollamanama (mundan beýläk - ýollamanama) şypahana kömegini almak üçin tassyklaýjy resminama bolup durýar.

11. Şypahana kömegini berýän şypahana edaralaryna girmek şu aşakdaky resminamalaryň esasynda amala aşyrylýar:

1) ýollamanama;

2) şahsyýetini tassyklaýan resminama;

3) şypahana kartasy (ýok bolan ýagdaýynda, talaba laýyk barlaglardan geçirilenden soň, ýüz tutan şypahanasynda resmileşdirilip bilner);

4) meýletin saglyk ätiýaçlandyryş pasporty (eger bar bolsa).

12. Şu Tertibiň on birinji böleginiň 1-2-nji bentlerinde görkezilen resminamalar şypahana edaralaryna beýleki saglygy goraýyş edaralary tarapyndan sanly ulgamyň üsti bilen elektron görnüşinde hem iberlip bilner.

13. Şypahana kömeginiň berilmegi üçin şypahana edarasyna gelen adamy, onuň gelen gününden şypahana edarasynyň lukmany:

1) adamy ilkinji lukmançylyk barlagyndan geçirýär;

2) şu Tertibiň on birinji böleginiň 3-nji bendinde görkezilen şypahana kartalarynda beýan edilen maglumatlara laýyklykda olara ýerine ýetiriljek şypahana kömeginiň adamyň saglygyna getirjek zyýany we howpy öwrenýär hem-de oňa baha berýär;

3) adamyň şypahana bejergisiniň şahsy meýilnamasyny düzýär;

4) adama şypahana taryhyny resmileşdirýär.

14. Goşmaça goldaw serişdelerini ulanmak bilen, özbaşdak hereket edip bilmeýän ýa-da öz-özüne hyzmat edip bilmeýän ýagdaýlarda we şahsy idegiň zerur bolan ýagdaýynda, şypahana bejergisi ene-atalaryň biriniň ýa-da beýleki kanuny wekiliniň, başga bir maşgala agzasynyň ýoldaşlygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

15. Şypahana edarasynyň bejeriji lukmany adamyň şol şypahanada bolan döwründe yzygiderli gözegçilikde saklaýar, onuň saglyk ýagdaýynyň üýtgemegine we geçirilýän bejeriş amallarynyň täsiriniň netijelerine gözegçilik edýär, şeýle hem zerur bolan ýagdaýynda saglygy goraýyş resminamalarynda degişli ýazgylar bilen görkezmeleri düzedip bilýär.

16. Adamyň şypahana bejergisiniň şahsy meýilnamasy onuň esasy we baglanyşykly kesellerini göz öňünde tutup düzülýär hem-de şu aşakdakylary öz içine alýar:

1) adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady  we ýaşy;

2) Keselleriň Halkara Klassifikatory boýunça koduny görkezmek bilen keselini kesgitlemek;

3) gündelik tertibi;

4) berhiz nahary (gije-gündiziň dowamynda);

5) hünärmen lukmanlaryň maslahatlary (lukmançylyk görkezijilerine görä);

6) tebigy bejeriş çeşmeleri (mineral suwlar, bejergi palçyklary, kölleriň rapa (ýokary minerallaşan) suwlary, klimat bejergiler (aeroterapiýa, gelioterapiýa, tallasoterapiýa), fitobejergiler, keselleri bejermek we öňüni almak üçin ulanylýan beýleki tebigy şertler);

7) derman serişdesiz bejergiler (lukmançylyk görkezmelerine görä): fizioterapiýa, galo-terapiýa, psammoterapiýa, pressoterapiýa, psihoterapiýa, refleksoterapiýa. manual bejergi, akwoowkalama, wibroowkalama, wakuumly owkalama, suwasty owkalama, owkalama, stounoterapiýa, aromaterapiýa, gidrokolonoterapiýa, parafin, ozekerit, bally ýapgylar, düýe süýdi hem-de çaly bilen bejergi, ýüzi nemlendirme we beýlekiler.

17. Şypahana edaralarynda berhiz iýmitlenişi guramak, bu edaralaryň esasy bejeriş çäreleriniň düzümine girýär.

Şypahana edaralarynda berhiz iýmitlenişi bellenilen kadalara laýyklykda amala aşyrylýar.

18. Şypahana kömegi bejermegiň kliniki beýanlary, standartlary we algoritmleri esasynda berilýär.

Şypahana kömegi tölegli esasda berilýär. Bu tölegiň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 26-njy martynda çykaran 2193-nji karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň şypahanalarynda bejeriş-sagaldyş kömegini almak üçin berilýän ýollamanamalaryň bahalaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Şunda meýletin saglyk ätiýaçlandyryş pasporty bolan Türkmenistanyň raýatynyň bir ýylyň dowamynda bir gezek (10 gün) bu töleg babatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýeňillikden peýdalanmaga hukugy bardyr.

19. Şypahana edaralarynda adama şypahana kömegi berilýän döwründe, onuň ýiti ýa-da dowamly keselleriniň ýitileşen ýa-da ýüze çykan ýagdaýynda, şypahana edarasynyň ýolbaşçysy (onuň ornuny tutýan adam) bellenen tertipde oňa ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini berýän saglygy goraýyş edaralaryna ugrukdyrma berýär.

Saglygy goraýyş kömegi üçin gönükdirme berlen adamyň we saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly bejergi almaklyga mümkinçilik bermeýän kadaly fiziologiki ýagdaýlar hem-de şypahana bejergisinden ýüz öwüren adamlaryň, şeýle-de maşgala we durmuş meseleleri bilen baglanyşykly, şypahanadan öz islegi boýunça wagtyndan öň çykýan raýatlaryň bejergide bolmadyk günleriniň tölegi, ýollamanamanyň doly bahasyndan hasaplanylyp, (şypahananyň içki tertip-düzgünini bozmaklyk bilen wagtyndan öň çykarylýan ýagdaýlar muňa degişli däldir) yzyna gaýtarmaklyga degişlidir.

Bu kada şypahanada ýollamanama esasynda bolýan adamyň ýollamanamada, şeýle-de lukman tarapyndan goşmaça bellenen bejergileriň tölegleri adamyň bejergi otaglaryna barmanlygy bilen bagly amala aşyrylmadyk halatynda, bejergi üçin tölän tölegleri yzyna gaýtaryp berilmeklige degişli däldir.

20. Şypahana bejergisi tamamlanandan soňra, şypahana bejergisini alan adama şypa depderçesi (şypahana bejergileriniň täsiri we degişli maslahatlar görkezilen) hem-de ýollamanamanyň gaýdyş talony berilýär.

21. Şypahana ýerleşýän adamlaryň ýollamanama we beýleki geçirilen barlaglar hem-de bejergiler üçin tölegleri nagt we nagt däl görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministrliginiň
2022-nji ýylyň 26-njy aprelinde
çykaran 171 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

## Şypahana kömeginiň berilmegi üçin lukmançylyk görkezmeleriniň sanawy

1. Iýmit sindiriş ulgamynyň keselleri:
1) dowamly gastritiň beterleşmedik döwründe;
2) reflýuks-ezofagit motor we ewakuasiýa funksiýalarynyň bozulmagynda;
3) aşgazan we 12 barmak içegäniň baş keseliniň gaýtgynynda;
4) ýokanç däl gelip çykyşly dowamly kolitlerde, enterokolitlerde;
5) içegäniň disfunksiýasynyň beterleşmedik derejesinde;
6) aşgazanyň sekretor we hereketleýiş hadysalarynyň funksional bozulmalary;
7) dowamly gastritler, ýokary we pesçykarjylykly;
8) aşgazanyň we 12 barmak içegäniň ýarabaşkeseli remissiýa döwründe;
9) dowamly kolitler, enterokolitler remissiýa döwründe;
10) dowamly pankreatitde remissiýa döwründe;
11) bagryň we ötçykarýan ýollaryň dowamly keselleriniň remissiýa döwründe;
12) reflýuks keselleriň remissiýa döwründe.
2. Daýanç-hereket ulgamynyň keselleri:
1) artrozlar, artritler (tbs häsiýetli bolmadyk);
2) poliartritler;
3) bogunlaryň deformirlenen osteoartrozlary;
4) şikesden soňky bogunlaryň artrit we artrozlary;
5) daýanç-hereket ulgamyň kesellerinde.
3. Merkezi nerw ulgamynyň keselleri:
1) merkezi nerw ulgamynyň funksional bozulmalarynda;
2) insultdan öňki serebro-waskulýar kesellerinde;
3) neýroinfeksiýadan soňky galyndylarynda, arahnoiditlerde;
4) şikesden soňky ensefalopatiýalarda;
5) insultdan soňky galyndylarda (6 aýdan soň).
4. Periferiki nerw ulgamynyň keselleri:
1) osteohondroz, spondillez;
2) radikulitler;

3) polineýropatiýa, mononeýropatiýalarda;

4) oňurga şikesinden soňky galyndylarda.

5. Deri keselleri:

1) psoriaz;

2) ekzema;

3) neýrodermit;

4) allergiki dermatit;

5) iteşen.

6. Süňk-muskul ulgamynyň keselleri:

1) birikdiriji dokumalaryň ulgamlaýyn keselleri;

2) ýumşak dokumalaryň keselleri; osteopatiýalar we hondropatiýalar.

7. Dem alyş ulgamyň keselleri:

1) bronhial dem gysmanyň ýeňil we orta agyrlyk derejesi beterleşmedik döwründe;

2) dowamly bronhitler allergiki we asmatoid komponentli, dowamly faringit, laringit, rinit, sinusit;

3) pollinozlar;

4) allergiki rinosinusitlerde;

5) öýkeniň dowamly obstruktiw keselleri;

6) dowamly bronhitler.

8. Endokrin ulgamynyň keselleri:

1) iýmitlenmegiň we maddalaryň alyş-çalyşlygynyň bozulmalarynda;

2) süýji diabet II görnüş, semizlik (alimentar).

9. Jyns-peşew we böwrek-urologiýa ulgamynyň keselleri:

1) dowamly piýelonefritler we peşew ulgamynyň beýleki keselleri (sistit, uretrit,

trigonit we beýlekiler);

2) peşew daş keseli;

3) erkek jyns synalarynyň keselleri (dowamly prostatit, orhit we beýlekiler);

4) aýal jyns synalaryň gaýnaglama we gaýnaglama däl keselleri;

5) ýiti glomerulonefriti geçirenden soňky galyndylar (saklanyp galan proteinuriýa, gematuriýa, silinduriýa) ýiti döwründen 6-8 aý geçenden soň;

6) uzaga çeken ýiti glomerulonefrit (I ýyla çenli) böwregiň ýeterlik funksiýasy bilen;

7) dowamly diffuz glomerulonefrit, nefrotiki görnüşi, proteinuriýaly we çişler bilen böwrekleriň ýeterlik funksiýasynda ýa-da onuň ujypsyz peselmeginde;

8) dowamly diffuz glomerulonefritiň gipertoniki görnüşi (180/100 mm. sim.süt. ýokary bolmadyk arterial basyşly), böwrekleriň aram peselen funksiýasy bilen;

9) dowamly diffuz glomerulonefritiň latent görnüşi, böwrekleriň aram peselen funksiýasy bilen;

10) dowamly başlangyç (urologiki, obstruktiw bolmadyk) piýelonefritiň remissiýa döwründe, 180/100 mm. sim.süt. ýokary bolmadyk arterial basyşly leýkosituriýa, bedeniň ýokary gyzgynlykly üşütme, böwregiň sanjysy, böwrekleriň aram peselen funksiýasy bilen;

11) dowamly sistit (inçekesel gelip çykyşly bolmadyk) gaýtgyn döwründe;

12) böwrek daş keseli:

a) peşew bölüp çykaryş ýollarynda özbaşdak çykmaga ukyply daşlaryň bolmagy;

b) peşew ýollarynyň operasiýasyndan soň (operasiýadan 6 aý soň) peşewiň kadaly çykyşynyň funksional we anatomiki üýtgemeleriň bolmazlygynda;

13) peşew bölüp çykaryş ulgamynyň dogabitdi anomaliýalary böwrek ýetmezçiliginiň alamatlarynyň bolmazlygynda;

14) böwrek amiloidozy, ýeňil ýa-da aram bildirýän (aýdyň işjeňligi, aýdyň bildirýän ýaýraw çişleri, gipoproteinemiýa we anemiýa bolmadyk);

15) ýürek-damar ulgamynyň keselleri;

16) piýelonefrit;

17) uretritler we sistitler;

18) erkeklik mäziniň adenomasy;

19) prostatitler;

20) peşew-daş keseli;

21) dowamly piýelonefrit;

22) dowamly uretritler, sistitler;

23) dowamly prostatit.

10. Ýürek-damar ulgamynyň keselleri:

1) gipertoniýa keseliniň I-II derejesi.

Bellik: AB, pulsy, ganyň koagulogrammasyny hökman gözegçilikde saklamaly;

2) dowamly ýüregiň işemiýa keseli dartgynly stenokardiýa selçeň tutgaýly, I-II funksional klasdan ýokary bolmadyklar;

3) miokardyň infarktyndan soňky kardioskleroz infarktdan 3 aý soň, ritmi we geçirijilik bozulmasyz, gan aýlanyş ýetmezçiligi I-II funksional klasdan ýokary bolmadyklar;

4) neýrosirkulýator distoniýa gipertoniki ýa-da gipotoniki görnüşinde;

5) infarktdan soňky kardioskleroz;

6) ýüregiň we kelle beýniniň damarlarynyň aterosklerozy;

7) ýüregiň rewmatiki nogsanlyklary;

8) aýaklaryň we elleriň damarlarynyň gan-damar ýetmezçiliginiň ýeňil orta agyrlyk derejesi;

9) wena damarlarynyň warikoz giňelmesi.

11. Alyş-çalşygyň we içki mäzleriň keselleri:

1) süýji diabeti – insulingaraşsyz görnüşiniň ýeňil we orta agyrlyk derejesi, durnukly öwezini dolma ýagdaýda;

2) semizlik;

3) süýji keseliň II görnüşi.

12. Ginekologiki kesellerde:

1) dowamly adneksit;

2) dowamly kolpit;

3) dowamly wulwowaginit;

4) ýumurtgalygyň we goşundylaryň dowamly sowuklama keselleri.

12. Garşy görkezmeler:

1) aşgazan-içege ýollarynyň gaýtarma we gan akma bilen gaýnaglama hadysalarynyň ýitileşen döwri;

2) operasiýa talap edýän daşly we ýiti holesistit;

3) aşgazan-içege ýollaryndan iýmit geçişiniň bozulmalarynda (gyzylödegiň we priwratnigiň daralmagynda, aşgazanyň aşak süýşmeginde);

4) ähli keselleriň ýiti döwri;

5) ýürek-damar ulgamynyň sub we dekompensirlenen keselleri;

6) agyr süýji keseli, garaguş keseli;

7) gan akma we gan akmaklyga meýil;

8) täze döremeler;

9) öýken inçekeseli;

10) dürli etiologiýaly kaheksiýalar.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2022-nji ýylyň 23-nji maýynda 1603 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.